KARARY OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN

«29» maý 2020 ý. № 1771 Aşgabat ş.

# Türkmenistanda ygtyýarlylandyrmak işini guramagy kämilleşdirmek hakynda

«Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyny ýerine ýetirmek, ygtyýarlylandyrmagyň tertibini has-da kämilleşdirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Ygtyýarlylandyrmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleri boýunça ygtyýarlylandyryjy edaralaryň sanawyny hem-de ygtyýarnamalaryň berilmegi üçin alynýan döwlet pajynyň möçberlerini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmagy amala aşyrýan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri taýýarlamaly hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

3. «Türkmenistanda ygtyýarlylandyrmak işini guramagy kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 13180-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2013-nji ýyldaky 8-nji ýygyndysynyň 2767-nji maddasy) güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri, beýleki ministrlikleriň we

pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

Protokol bölümçesi

**Gurbanguly Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2020-nji ýylyň 29-njy maýynda
çykaran 1771-nji karary bilen
tassyklandy

**Ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň aýry-aýry görnüşleri boýunça ygtyýarlylandyryjy edaralaryň we Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda ygtyýarlylandyrmaga degişli işiň anyk görnüşleriniň sanawy hem-de ygtyýarnamalaryň berilmegi üçin alynýan döwlet pajynyň möçberleri**

| № | Ygtyýarlylandyryjy edara | Ygtyýarlylandyrmaga degişli işleriň aýry-aýry görnüşleri | | | Döwlet pajynyň möçberi (manat) |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Ygtyýarlylandyrylmaga degişli işiň görnüşi | Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda ygtyýarlylandyrmaga degişli işiň anyk görnüşleri («kiçi klaslary, görnüşleri») | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | | 5 |
| 1 | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi | Lukmançylyk işi | 86.10.00 | Hassahanalaryň işleri | 1300 |
| | | | 86.20.00 | Lukman tejribesi we stomatologiýa çygryndaky işler | 1300 |
| | | | 86.21.00 | Umumy lukmançylyk tejribesi çygryndaky işler | 1300 |
| | | | 86.22.00 | Ýörite lukmançylyk tejribesi çygryndaky işler | 1300 |
| | | | 86.22.10 | Lukmançylyk kosmetologiýasy hyzmatlary ulgamyndaky lukmançylyk işleri | 1300 |
| | | | 86.23.00 | Stomatologiýa çygryndaky işler | 1300 |
| | | | 86.90.00 | Saglygy goramak çygryndaky gaýry işler | 1300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Farmasewtik iş | 01.28.30 | Dermanlyk melhem ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek | 1300 |
| | | | 21.10.00 | Esasy farmasewtik önümleri öndürmek | 1300 |
| | | | 21.10.11 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan esasy farmasewtik önümleri öndürmek | 1300 |
| | | | 21.20.00 | Farmasewtik preparatlary we materiallary öndürmek | 1300 |
| | | | 21.20.11 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtik preparatlary we materiallary öndürmek | 1300 |
| | | | 46.46.00 | Farmasewtik harytlaryň lomaý söwdasy | 1300 |
| | | | 46.46.10 | Farmasewtik harytlaryň lomaý söwdasy, lukmançylyk tehnikasyndan we ortopedik önümlerinden başga | 1300 |
| | | | 46.46.11 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtik harytlaryň we derman serişdeleriniň lomaý söwdasy | 1300 |
| | | | 46.46.20 | Lukmançylyk tehnikasynyň we ortopediýa harytlarynyň lomaý söwdasy | 1300 |
| | | | 47.73.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda farmasewtik harytlaryň bölek söwdasy | 1300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 47.73.11 | Ýoriteleşdirilen dükanlarda düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtik harytlaryň bölek söwdasy | 1300 |
| | | Lukmançylyk-tehniki işi | 22.19.10 | Lukmançylyk rezin önümleriniň önümçiligi | 1300 |
| | | | 23.19.10 | Laboratoriýa, gigiýena we farmasewtik aýna önümlerini öndürmek | 1300 |
| | | | 26.60.00 | Rentgen, elektrolukmançylyk we elektroterapewtik enjamlary öndürmek (azyk we içgi önümlerindäki (süýtde we ş.m.) radiasiýanyň mukdaryny kesgitlemek üçin enjamlar öndürmek muňa girmeýär) | 2600 |
| | | | 30.92.20 | Maýyplar üçin arabalary we olaryň böleklerini öndürmek | 650 |
| | | | 32.50.00 | Lukmançylykda we stomatologiýada ulanylýan enjamlary we ýoriteleşdirilen gurallary öndürmek (lukmançylyk üçin niýetlenen mebeller, galdyrylyp düşürilýän stomatologiýa kürsülerini öndürmek muňa girmeýär) | 4000 |
| | | | 33.13.20 | Lukmançylyk gurallaryny, rentgen, elektrolukmançylyk we elektroterapiýa degişli enjamlary abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek işleri | 1300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 47.74.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda lukmançylyk we ortopediýa harytlarynyň bölek söwdasy | 1300 |
| | | Dezinfeksiýa, dezinseksiýa we deratizasiýa işlerini geçirmek boýunça iş | 81.29.40 | Binalarda (şol sanda binalaryň ähli görnüşinde olaryň daş-töweregini işläp geçmek), gämilerde, otlularda we ş.m. dezinfeksiýa, dezinseksiýa we deratizasiýa işlerini geçirmek | 650 |
| 2 | Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi | Weterinariýa işi | 21.20.20 | Weterinariýada ulanylýan düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtik preparatlary we materiallary öndürmek | 400 |
| | | | 46.46.13 | Weterinariýada ulanylýan, düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtik harytlaryň lomaý söwdasy | 650 |
| | | | 47.73.20 | Weterinariýada ulanylýan, düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki harytlaryň bölek söwdasy | 650 |
| | | | 75.00.00 | Weterinariýa işi | 400 |
| | | Tohumçylyk işi | 01.11.11 | Däneli (şaly we greçkadan başga) ösümlik-leriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 01.11.21 | Kösükli ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.11.92 | Ýagy alynýan ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.13.12 | Gant şugundyrynyň tohumyny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.13.22 | Köki we baldagy miweli düzüminde ýokary derejeli krahmal we inulin bolan ekinleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.13.92 | Beýleki köki we baldagy miweli gök önüm we bakja ösümlikleriniň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.16.11 | Gowaça tohumyny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.19.10 | Beýleki birýyllyk ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.19.13 | Düzüminde neşe serişdelerini saklamaýan beýleki birýyllyk ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.19.22 | Ot-iýmlik ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.19.32 | Güller toplumynyň tohumyny ösdürip ýetişdirmek | 130 |
| | | | 01.30.00 | Ösümlikleriň (oturtmak) önümçiligi | 130 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Tebigy baýlyklary peýdalanmak we daşky gursawy goramak boýunça iş | 01.70.00 | Awçylyk, ýabany haýwanlary köpeltmek we ol ugurdaky hyzmatlar | 650 |
| | | | 47.22.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda öý guşlarynyň we aw guşlarynyň etiniň we olardan öndürilen et önümleriniň bölek söwdasy (öý guşlarynyň etiniň we olardan öndürilen et önümleriniň bölek söwdasy muňa girmeýär) | 650 |
| | | | 71.12.91 | Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlary bermek hyzmaty | 130 |
| | | | 91.04.00 | Botaniki baglaryň, haýwanat baglarynyň we goraghanalaryň işi | 130 |
| | | Çagalar üçin süýt garyndylaryny, süýt we beýleki iýmitlendiriji önümleri, bir görnüşe getirilen iýmitleri öndürmek işi | 10.86.10 | Çaga iýmitlerini öndürmek | 130 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Sarp edijileri gaplanan agyz suwy bilen üpjün etmek babatynda iş | 11.07.10 | Gaplanan agyz suwyny öndürmek | 130 |
| 3 | «Türkmennebit» döwlet konserni | Nebit önümlerini we ýangyç-çalgy materiallaryny ýerlemek boýunça iş | 46.71.40 | Awiasiýa üçin benziniň we kerosiniň lomaý sowdasy | 2000 |
| | | | 46.71.50 | Awtomobil benzininiň lomaý sowdasy | 2000 |
| | | | 46.71.60 | Dizel ýangyjynyň lomaý söwdasy | 2000 |
| | | | 46.71.70 | Ýakylan mazutyň lomaý söwdasy | 2000 |
| | | | 46.71.91 | Beýleki ýangyçlaryň lomaý söwdasy, şeýle-de awtomotoulag serişdelerini doldurmak üçin gazyň lomaý söwdasy | 2000 |
| | | | 47.30.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda motor ýangyjynyň bölek söwdasy | 2000 |
| 4 | Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi | Spirti, alkogolly önümleri, temmäki önümlerini öndürmek, getirmek we ýerlemek babatynda iş | 46.35.10 | Temmäki önümlerini getirmek boýunça işler hem-de olaryň lomaý söwdasy | 2000 |
| | | | 47.25.20 | Alkogolly önümleriň bölek söwdasy | 2000 |
| | | | 47.26.20 | Temmäki önümleriniň bölek söwdasy | 2000 |
| | | | 12.00.00 | Temmäki önümlerini öndürmek | 6000 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi (46.34.10 belgili «kiçi klas, görnüş» boýunça diňe spirti getirmek boýunça iş hem-de onuň lomaý söwdasy 11.01.00; 11.02.00; 11.03.00; 11.04.00 belgili «kiçi klaslar, görnüşler») | | 46.34.10 | Spirti we alkogolly önümleri getirmek boýunça işler hem-de olaryň lomaý söwdasy | 2000 |
| | | | 11.01.00 | Spirti arassalamak, rektifirlemek we kupažirlemek | 6500 |
| | | | 11.02.00 | Üzümden çakyr öndürmek | 6500 |
| | | | 11.03.00 | Sidr (alma çakyry) we beýleki miwe ir-iýmişli çakyrlary öndürmek | 6500 |
| | | | 11.04.00 | Beýleki distillirlenmedik, turşama prosesi geçirilen materiallardan öndürilen içgileri öndürmek | 6500 |
| | | | 11.05.00 | Piwo öndürmek | 6500 |
| 5. | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy | Senagat howpsuzlygy, howply desgalary taslamak we gurmak hem-de howply ýükleri daşamak babatynda iş | 09.90.20 | Magdan gazyp alyjy senagatda senagat howpsuzlygy boýunça işler («Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerini alyp barýanlar muňa girmeýär) | 13000 |
| | | | 09.10.30 | Nebitgaz toplumynyň desgalaryna hyzmat etmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler («Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerini alyp barýanlar muňa girmeýär) | 3900 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 28.22.30 | Galdyryjy ulag enjamlaryny we ýük ýükleýji desgalary öndürmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3900 |
| | | | 33.12.20 | Galdyryjy ulag enjamlaryny abatlamakda we tehniki hyzmatlarda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 2000 |
| | | | 42.30.00 | Nebitgaz toplumynyň we howply desgalaryň gurluşygynda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 13000 |
| | | | 42.40.00 | Bug gazany-gözegçilik desgalarynyň senagat howpsuzlygy boýunça işleri | 13000 |
| | | | 43.12.10 | Partladyş işleri bilen bagly toplumlaýyn işleriň geçirilmeginde senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3900 |
| | | | 43.23.00 | Galdyryjy ulag enjamlaryny gurnamak (sökmek), goýberiş-sazlaýyş işlerinde we ulanyşynda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 2000 |
| | | | 49.20.10 | Howply maddalary saklaýan önümleri demir ýol ulagy bilen daşamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 6500 |
| | | | 49.43.00 | Düzüminde howply maddalary we partlama-ýangyn howply önümleri saklaýan önümleri awtomobil ulagy bilen daşamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 6500 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 49.51.00 | Turbageçirjiler boýunça gazy, suwuklyklary, suwuk garyndylary we beýleki materiallary geçirmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler: turbageçirjiler boýunça partlama-ýangyn howply önümleri geçirmek işi, içerki gerekli möçberi muňa girmeýär | 13000 |
| | | | 50.20.10 | Howply maddalary we partlama-ýangyn howply önümleri – howply ýükleri saklaýan önümleri deňiz ýük ulaglary bilen daşamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 6500 |
| | | | 50.40.10 | Howply maddalary we partlama-ýangyn howply önümleri – howply ýükleri saklaýan önümleri derýa ýük ulagy bilen daşamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 6500 |
| | | | 51.21.10 | Howply maddalary özünde saklaýan we partlama-ýangyn howply önümleri – howply ýükleri tertibe tabyn we tertibe tabyn däl howa ýük ulagy bilen daşamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 6500 |
| | | | 52.11.00 | Düzüminde partlama-ýangyn howply we radioaktiw maddalary saklaýan önümleri saklamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3900 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 52.25.00 | Howpsuzlyk düzgünlerine laýyklykda howply we zyýanly maddalary saklaýan ýükleri daşaýan ulag serişdelerini taýýarlamakda senagat howpsuzlygy boýunça işler | 2000 |
| | | | 71.11.10 | Taslama işläp düzmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3900 |
| | | | 71.12.70 | Tehniki synag we gözegçilik etmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler | 3900 |
| 6 | Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi | Ýangyn howpsuzlygy babatynda iş | 27.90.30 | Ýangyn habar beriji, ýangyn barada adamlara habar beriş, olary guramaçylykly halas ediş, ýangynlaryň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni alyş ulgamlary üçin abzallary we enjamlary öndürmek (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) | 1300 |
| | | | 28.29.21 | Ot söndürijileri öndürmek | 1300 |
| | | | 29.10.20 | Ýangyn söndürmek maksatlary üçin niýetlenen tehnikalary hem-de ýangyn awtoulaglaryny (olaryň ýöriteleşdirilen ýangyn enjamlary we bölekleri) öndürmek we kämilleşdirmek | 2600 |
| | | | 32.99.30 | Ýangyn enjamlaryny, gurallaryny, inwentarlaryny, ýangyn halas ediş gurluşlaryny, ýangyn söndürijileriň esbaplaryny we gorag serişdelerini öndürmek | 1300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 32.99.40 | Ýangyn söndüriji we tüssä garşy gorag ulgamlary üçin abzallary we enjamlary öndürmek (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) | 1300 |
| | | | 33.12.91 | Ýangyn enjamlaryna, gurallaryna we inwentarlaryna şeýle hem, ot söndürijilerine hyzmat etmek we abatlamak, ot söndürijilerini doldurmak | 1300 |
| | | | 33.15.10 | Deňiz we derýa gämilerinde ýangyn söndüriji enjamlary we serişdeleri gurnamak (sazlamak), abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek | 1300 |
| | | | 33.17.20 | Demirýol hereket edýän düzümleriniň ýangyn awtomatik ulgamynyň abzallaryny we enjamlaryny gurnamak (sazlamak), abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek | 1300 |
| | | | 43.21.10 | Gurulýan we ulanyşdaky obýektlerde ýangyn habar beriji, ýangyn barada adamlara habar beriş, olary guramaçylykly halas ediş, ýangynlaryň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni alyş ulgamlarynyň abzallaryny we enjamlaryny (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) gurnamak (sazlamak), abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek | 1300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 43.22.10 | Gurulýan we ulanyşdaky obýektlerde ýangyn suw geçiriji, ýangyn söndüriji we tüssä garşy gorag ulgamlaryň abzallaryny we enjamlaryny (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) gurnamak (sazlamak), abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek | 1300 |
| | | | 45.20.91 | Ýangyn awtoulag serişdelerini abatlamak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek | 2600 |
| | | | 71.11.30 | Binagärçilik işinde ýangyn howpsuzlygy babatynda taslama işleri | 650 |
| | | | 71.20.10 | Ýangyn söndüriji tehnikalary, ot söndüriji serişdeleri, ýangyn enjamlaryny, gurallaryny we inwentarlaryny synagdan geçirmek | 650 |
| | | | 84.25.10 | Howa menzillerinde, howa gämilerinde, demir ýol menzillerinde, demir ýollarda we otlularda, deňiz we derýa portlarynda, deňiz we derýa gämilerinde ýangyn barada duýduryş bermek we ony söndürmek bilen bagly işler | 650 |
| | | Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalarynyň we prekursorlaryň dolanyşygy çygryndaky iş | 01.19.12 | Düzüminde neşe serişdelerini saklaýan beýleki birýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek | 1300 |
| | | | 21.10.12 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdelerini öndürmek | 1300 |
| | | | 21.20.12 | Weterinariýa üçin düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdelerini öndürmek | 1300 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 46.46.12 | Düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdeleriniň lomaý söwdasy | 1300 |
| | | | 47.73.12 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdeleriniň bölek söwdasy | 1300 |
| | | | 52.10.91 | Düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdelerini ammarlara ýerleşdirmek we saklamak | 1300 |
| 7 | «Türkmenhowa-ýollary» agentligi | Awiasiýa işi | 01.61.50 | Howadan dermanlary ekinlere pürkmek | 650 |
| | | | 02.40.00 | Tokaý hojalygy pudagyna degişli (tokaý ösdürip ýetişdirmek we agaçlary taýýarlamak) hyzmatlar (diňe howadan dermanlary tokaýlara pürkmek) | 650 |
| | | | 51.10.00 | Howa ýolagçy ulaglarynyň işi | 5200 |
| | | | 51.21.00 | Howa ýük ulaglarynyň işi (howply ýükleri daşamak muňa girmeýär) | 5200 |
| | | | 52.23.00 | Howa ulagynyň beýleki kömekçi işi | 5200 |
| | | Ulag-ekspedisiýa işi | 52.29.23 | Howa ulaglary arkaly ýük daşamagy guramak boýunça iş | 5200 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 8. | «Türkmendeňiz-deríaýollary» agentligi | Deňiz we içerki suw ulagynda daşamak işi | 30.11.00 | Gämileriň we beýleki ýüzýän serişdeleriň gurluşygy | 2600 |
| | | | 33.15.00 | Suw ulaglaryny abatlamak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek işi | 2600 |
| | | | 42.91.20 | Deňiz düýbüni çuňlaşdyrmak işleri | 3900 |
| | | | 42.91.30 | Deňizde suwasty tehniki işler | 3900 |
| | | | 50.10.00 | Deňiz ýolagçy ulagynyň işi | 2100 |
| | | | 50.20.00 | Deňiz ýük ulagynyň işi (howply ýükleri daşamak muňa girmeýär) | 2100 |
| | | | 50.30.00 | Derýa ýolagçy ulagynyň işi | 260 |
| | | | 50.40.00 | Derýa ýük ulagynyň işi (howply ýükleri daşamak muňa girmeýär) | 2600 |
| | | | 52.10.00 | Ammarlarda ýükleri saklamak (diňe portlarda we port nokatlarynda ýükleri saklamak) | 2600 |
| | | | 52.22.12 | Deňiz agentirleme boýunça iş | 2600 |
| | | | 52.24.00 | Ulaglarda ugratmak üçin ýükleri işläp taýýarlamak işi (diňe stiwidor işleri (portlarda ýükleri düşürmek we ýüklemek)) | 2600 |
| | | Ulag-ekspedisiýa işi | 52.29.25 | Deňiz ulaglarynda ýükleri ekspedisiýa etmek boýunça iş | 2600 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 9 | «Türkmenawto-ulaglary» agentligi | Awtomobil ulagynda daşamak işi | 49.31.10 | Şäheriň çäginde ýerine ýetirilýän ugur boýunça ýolagçy gatnadýan ýerüsti ulaglaryň işi (diňe awtobuslar boýunça amala aşyrylyp bilner) | 260 |
| | | | 49.31.20 | Şäherýaka ugurlar boýunça ýolagçy gatnadýan ýerüsti ulaglaryň işi (diňe awtobuslar boýunça amala aşyrylyp bilner) | 260 |
| | | | 49.32.10 | Ýolagçy gatnatmak boýunça taksileriň işi | 260 |
| | | | 49.33.00 | Ýolagçylary ýeňil awtoulaglarda gatnatmak işi | 260 |
| | | | 49.39.10 | Şäherara ugurlar boýunça ýolagçy gatnadýan beýleki ýerüsti ulaglaryň işi (diňe awtobuslar boýunça amala aşyrylyp bilner) | 260 |
| | | | 49.39.20 | Halkara ugurlar boýunça ýolagçy gatnadýan beýleki ýerüsti ulaglaryň işi (diňe awtobuslar boýunça amala aşyrylyp bilner) | 260 |
| | | | 49.39.30 | Awtobuslarda ýolagçylary rejä garaşsyz gatnatmak işi | 260 |
| | | | 49.41.00 | Ýük awtoulag serişdeleriniň işi (howply ýükleri daşamak muňa girmeýär) | 1300 |
| | | Ulag-ekspedisiýa işi | 52.29.22 | Awtomobil ulaglary arkaly ýük daşamagy guramak, ýükleri ekspedisiýa etmek (ýany bilen gitmek) işi | 260 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 10. | Türkmenistanyň Energetika ministrligi | Elektroenergetika babatynda iş | 27.11.20 | Üýtgeýän we hemişelik tok üçin elektrik hereketе getirijileriň, generatorlaryň, transformatorlaryň tehniki synagyny geçirmek | 1300 |
| | | | 27.12.20 | Elektrik energiýasyny paýlaýjy, sazlaýjy enjamlaryň tehniki synagyny geçirmek | |
| | | | 33.14.10 | Elektrik hereketе getirijileri, generatorlary, transformatorlary, elektrik paýlaýjy we sazlaýjy enjamlary abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek işi | 1300 |
| | | | 33.14.70 | Elektrik energiýasyny we elektrik toguny ölçemekde, gözegçilikde we synagdan geçirmekde ulanylýan gurallary we enjamlary abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek işleri | |
| | | | 33.14.80 | Elektrik togy üçin niýetlenen simleri, kabelleri we elektrik energiýasy bilen üznüksiz üpjün ediji çeşmeleri abatlamak | |
| | | | 35.11.10 | Ýylylyk elektrik stansiýalar arkaly elektrik energiýasyny öndürmek | 2600 |
| | | | 35.11.20 | Gidroelektrostansiýalar arkaly elektrik energiýasyny öndürmek | |
| | | | 35.11.90 | Beýleki elektrik stansiýalar arkaly elektrik energiýasyny öndürmek | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 35.12.00 | Elektrik energiýasyny geçirmek | |
| | | | 35.13.00 | Elektrik energiýasyny paýlamak | |
| | | | 42.22.10 | Elektrik toguny geçiriji ugurlary gurmak we çekmek | 650 |
| | | | 43.21.50 | Elektroenergetika ulgamynda abzallaryň gurnama işlerini ýerine ýetirmek | 650 |
| | | | 71.11.40 | Elektroenergetika ulgamynda taslama işleri | 650 |
| 11. | «Türkmenaragatnaşyk» agentligi | Aragatnaşyk babatynda iş | 42.22.20 | Telekommunikasiýa ugurlaryny gurmak we çekmek | 1300 |
| | | | 43.21.40 | Radio we telewizion antennalaryny, şol sanda hemra antennalaryny we beýleki aragatnaşyk enjamlaryny gurnamak, düzmek, sazlamak we tehniki hyzmat etmek işlerini amala aşyrmak | |
| | | | 53.10.00 | Milli operatorlaryň ýolbaşçylygy astynda poçta işlerini amala aşyrmak | 400 |
| | | | 53.20.00 | Beýleki poçta we hat gatnadyş işleri | |
| | | | 60.10.00 | Radiogepleşikleriň işi | 520 |
| | | | 60.20.00 | Teleýaýlymlaryň işi (diňe teleýaýlym programmalaryny kabelli ýa-da hemra antennalary arkaly başga kärhanalar arkaly ýaýratmak) | |
| | | | 61.10.00 | Sim arkaly aragatnaşyk hyzmaty | 520 |
| | | | 61.20.00 | Simsiz aragatnaşyk ulgamynda hyzmat | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 61.30.00 | Hemra arkaly aragatnaşyk hyzmaty | |
| | | | 61.90.00 | Beýleki telekommunikasiýa hyzmatlary | |
| | | | 63.11.00 | Habarlary işläp taýýarlamak we ýerleşdirmek, amaly programmalar we olar bilen baglanyşykly işler | 520 |
| | | Kiber howpsuzlyk babatynda iş | 62.01.00 | Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak | 1000 |
| | | | 62.04.00 | Maglumat ulgamlaryny kiber hüjümlerinden goraýyşyny (howpsuzlygyny) synagdan geçirmek, barlamak, howpsuzlygy bahalandyrmak işlerini amala aşyrmak | 1000 |
| | | | 43.21.20 | Maglumaty işläp taýýarlaýjy we saklaýjy serişdeleriň toplumyny (serwerler toplumyny) we aragatnaşyk (tor) enjamlaryny gurnamak, düzmek, tehniki hyzmatlary etmek işleri | 1000 |
| | | | 43.21.30 | Maglumat ulgamlaryny kiber hüjümlerinden goraýyş programma enjamlaýyn serişdelerini işläp taýýarlamak, sazlamak, düzmek, tehniki hyzmatlary etmek işleri | 1000 |
| 12. | «Türkmenhimiýa» döwlet konserni | Himiki önümleri getirmek, öndürmek we ýerlemek babatynda iş | 20.11.00 | Senagat gazlaryny öndürmek | 1300 |
| | | | 20.12.00 | Boýaglaryň we pigmentleriň önümçiligi | |
| | | | 20.13.00 | Beýleki esasy organiki däl himiki maddalary öndürmek | |
| | | | 20.14.00 | Beýleki esasy organiki himiki maddalaryň önümçiligi | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 20.15.00 | Dökün we azotly birleşmeleriň önümçiligi | |
| | | | 20.16.00 | Ilkinji görnüşdäki plastmassa önümçiligi | |
| | | | 20.17.00 | Ilkinji görnüşdäki sintetik kauçugyň önümçiligi | |
| | | | 20.20.00 | Pestisidleriň we beýleki agrohimiki önümleriň önümçiligi | 1300 |
| | | | 20.51.00 | Partlaýjy maddalary öndürmek | |
| | | | 20.53.00 | Efir ýagyny öndürmek | |
| | | | 20.59.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk himiki önümleriň başga görnüşlerini öndürmek | |
| | | | 20.60.00 | Himiki süýümleri (emeli we sintetiki) öndürmek | 1300 |
| | | | 46.75.00 | Himiki önümleriň lomaý söwdasy | 1300 |
| | | | 46.75.10 | Himiki maddalaryň we himiki önümleriň lomaý söwdasy (getirilýän ozon gatlagyny zaýalaýjy maddalary hem goşmak bilen) | |
| | | | 46.75.20 | Pestisidleriň we beýleki agrohimiki önümleriň lomaý söwdasy (getirilýän pestisidleri we beýleki agrohimiki maddalary hem goşmak bilen) | |
| 13. | Türkmenistanyň Goranmak ministrligi | Geodeziýa we kartografiýa işi | 71.12.50 | Topografiýa-geodezik işler | 650 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 71.12.60 | Kartografiýa boýunça hyzmatlar | 650 |
| | | | 74.20.10 | Aerosuratadüşüriş işleri | 650 |
| 14. | Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi | Gurluşyk işleri | 41.20.00 | Ýaşalýan we ýaşalmaýan binalary gurmak | 2600 |
| | | | 42.11.00 | Awtomagistrallaryň we şosseleriň gurluşygy | 3900 |
| | | | 42.13.00 | Köprüleriň we geçelgeleriň gurluşygy | |
| | | | 42.21.00 | Turba geçirijileri gurmak (içilýän suw guýularyny burawlamak muňa girmeýär) | 2600 |
| | | | 42.91.00 | Suw desgalaryny gurmak (suwly ýerlerde düýbüni çuňlaşdyrmak işleri; suwasty işleri geçirmek muňa girmeýär) | 2600 |
| | | | 42.99.10 | Daş-töweregi abadanlaşdyryş işleri | |
| | | | 43.11.00 | Binany ýykyp aýyrmak | 2600 |
| | | | 43.12.00 | Meýdany gurluşyga taýýarlamak | 2600 |
| | | | 43.13.00 | Barlag burawlaýşy (diňe barlag burawlaýşy esasynda gurluşyk üçin nusgalyk almak) | 2600 |
| | | | 43.22.90 | Suw geçiriji ulgamlary, ýyladyş ulgamlaryny, wentilýasiýa we howany kondisionirleme ulgamlaryny gurnamak işleri | 1300 |
| | | | 43.29.10 | Izolýasiýa işleri | 1300 |
| | | | 43.31.00 | Suwag işleri | |
| | | | 43.32.00 | Neçjarçylyk we agaç işleri | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 43.33.00 | Poluň we diwaryň ýüzüne örtgi tutmak | |
| | | | 43.34.00 | Reňklemek we aýnalamak işleri | |
| | | | 43.39.00 | Beýleki gutardyş we bejergi işleri | |
| | | | 43.91.00 | Binalaryň üstüni basyrmak işleri | 2600 |
| | | | 43.99.10 | Pürs kakmak işini hasaba alyp, fundament gurmak | |
| | | | 43.99.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk beýleki ýörite gurluşyk işleri | |
| | | | 71.11.20 | Binagärçilik işi we binagärçilik ugrundan maslahatlar bermek | 2600 |
| | | | 71.12.80 | Ýaşalýan we ýaşalmaýan binalary we desgalary gurmak boýunça taslama işleri | 2600 |
| 15. | Türkmenistanyň Bilim ministrligi | Bilim bermek we işgärleri hünäre taýýarlamak işi | 85.10.10 | Mekdebe çenli bilim | 130 |
| | | | 85.20.00 | Başlangyç bilim | 130 |
| | | | 85.31.10 | Umumy orta bilim | 130 |
| | | | 85.32.00 | Umumy orta bilim (ikinji dereje) | 130 |
| | | | 85.33.10 | Hünär taýýarlygy | 130 |
| | | | 85.33.20 | Başlangyç hünär bilimi | 130 |
| | | | 85.33.30 | Orta hünär bilimi | 130 |
| | | | 85.51.00 | Bedenterbiýe we sport çygrynda bilim | 130 |
| | | | 85.52.00 | Medeniyet boýunça bilim | 130 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 85.55.10 | Bedenterbiýe we sport boýunça mekdepden daşary bilim | 130 |
| | | | 85.55.20 | Sazçylyk, medeni-estetik we döredijilik ugurlary boýunça mekdepden daşary bilim | 130 |
| | | | 85.55.30 | Ynsanperwer, tebigy-ylmy we tehniki ugurlar boýunça mekdepden daşary bilim | 130 |
| | | | 85.59.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk bilim boýunça işler | 130 |
| | | | 85.59.10 | Işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek we olary gaýtadan taýýarlamak | 130 |
| 16. | Türkmen döwlet neşirýat gullugy | Neşirýat işi | 58.11.00 | Kitaby neşir etmek | 650 |
| | | | 58.13.00 | Gazetleri çap etmek | |
| | | | 58.14.00 | Žurnallary we döwürleýin neşirleri neşir etmek | |
| | | | 58.19.00 | Beýleki neşirýat işleri | |
| | | Çaphana işi | 18.11.00 | Gazeti çap etmek | 650 |
| | | | 18.12.00 | Beýleki çaphana önümlerini (gazetden başga) çap etmek | |
| | | | 18.13.00 | Çap etmäge taýýarlyk we tiraž sanyny kesgitlemek işini hyzmat bilen üpjün etmek | |
| | | | 18.14.00 | Jiltlemek we bezeg işi | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 17. | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi | Syýahatçylyk işi | 79.11.00 | Syýahatçylyk agentliginiň işi | 650 |
| | | | 79.12.00 | Syýahaty alyp baryjylaryň işi | 650 |
| | | | 79.90.00 | Syýahatçylyk çygrynda bronlamak we beýleki işler | 650 |
| | | Humarly oýunlar we pula oýnalýan oýunlar bilen baglanyşykly iş | 92.00.00 | Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek | 6500<br><br>19500 (kazino bolanda) |
| | | Auditorçylyk işi | 69.20.30 | Maliýe auditini geçirmek işi | 650 |
| | | Ätiýaçlandyryş işleri | 65.11.00 | Ömri ätiýaçlandyrmak | 2000 |
| | | | 65.12.10 | Döwlet ätiýaçlandyrmasy (ömür ätiýaçlandyryşyndan başga) | 2000 |
| | | | 65.12.20 | Döwlete dahylsyz ätiýaçlandyrma (ömür ätiýaçlandyryşyndan başga) | 2000 |
| | | | 65.20.00 | Gaýtadan ätiýaçlandyryş | 2000 |
| | | | 66.22.00 | Ätiýaçlandyryş wekilleriniň we dellallarynyň işi (ätiýaçlandyryş wekilleriniň işi muňa girmeýär) | 1500 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Gymmatly kagyzlar bazarynda hünär işi | 64.99.10 | Maliýe serişdelerini ýerleşdirmek bilen baglanyşykly gaýry maliýe araçylyk | 1200 |
| | | | 66.12.10 | Başga şahslaryň tabşyrygy boýunça maliýe bazarlarynda amallary amala aşyrmak we onuň bilen baglanyşykly işler | 1200 |
| | | | 66.12.20 | Gymmatly kagyzlar bilen geleşikler boýunça dellalçylyk işi | 1200 |
| | | Baha kesmek işi | 68.31.10 | Gozgalmaýan emläge baha kesmek işi | 1300 |
| | | | 82.99.10 | Garaşsyz baha kesijileriň işi | 1300 |
| 18. | Türkmenistanyň Merkezi banky | Bank işi | 64.10.00 | Pul dellalçylygy | 5200 |
| | | | 64.19.00 | Gaýry pul-karz dellalçylygy | |
| | | | 64.19.10 | Karz edaralarynyň bank amallary | 5200 |
| | | | 64.19.11 | Fiziki şahslaryň tabşyrygy boýunça milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda bank hasaplaryny açmazdan, pul serişdeleriniň geçirilmegini amala aşyrmak | 5200 |
| | | | 64.19.12 | Nagt we nagt däl görnüşlerde daşary ýurt puluny satyn almak we satmak | 5200 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 64.19.13 | Karz edaralarynyň plastik kartlaryny dolanyşyga goýbermek we (ýa-da) ekwaýring | 5200 |
| | | | 64.19.14 | Ýuridik we fiziki şahslar bilen şertnama boýunça pul serişdelerini we gaýry emlägi ynanyşykly dolandyrmak | 5200 |
| | | | 64.92.00 | Karzlaşdyrmagyň gaýry görnüşleri | 5200 |
| | | | 64.92.10 | Lombardlaryň işi | 5200 |
| | | | 64.92.11 | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly lombardlaryň işi | 2100 |
| | | | 64.92.12 | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki lombardlaryň işi | 1300 |
| | | | 64.92.80 | Ýuridik şahslaryň, gymmat bahaly metallaryň we gymmat bahaly daşlaryň goragy, saklanmagy we gatnadylmagy boýunça işler | 1300 |
| | | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly iş | 07.29.40 | Gymmat bahaly metallaryň gazylyp alynmagy we olaryň baýlaşdyrylmagy | 3900 |
| | | | 08.99.21 | Tebigy gymmat bahaly (almazdan başga) daşlary gazyp almak | 3900 |
| | | | 24.41.00 | Gymmat bahaly metallary öndürmek | 3900 |
| | | | 32.12.00 | Zergärçilik önümlerini öndürmek | 2600 |
| | | | 46.48.10 | Gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan ýasalan zergärçilik önümleriniň lomaý söwdasy | 2600 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 46.72.40 | Gymmat bahaly metallaryň lomaý söwdasy | 2600 |
| | | | 46.77.20 | Gymmat bahaly metallaryň we gymmat bahaly daşlaryň galyndylarynyň we döwük bölekleriniň lomaý söwdasy | 2600 |
| | | | 47.77.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda sagatlaryň we zergärçilik önümleriniň bölek söwdasy (sagatlardan başga) | 2600 |
| | | | 47.78.10 | Gymmat bahaly metallardan ýasalan numizmatik teňňeleriň bölek söwdasy | 2600 |
| | | | 47.79.11 | Gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan ýasalan antikwar gymmatlyklaryň bölek söwdasy | 2600 |
| 19. | Türkmenistanyň Adalat ministrligi | Fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini bermek işi | 69.10.11 | Fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini bermek işi (patentler we awtorlyk hukuklary bilen bagly resminamalary taýýarlamak muňa girmeýär) | 1100 |
| 20. | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi | Raýatlary daşary ýurtlarda işe ýerleşdirmek bilen baglanyşykly iş | 78.10.20 | Işgärleri daşary ýurtlarda işe ýerleşdirmek boýunça agentlikleriň işi | 650 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 21. | Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi | Medeniýet we sungat çygryndaky iş | 90.03.00 | Sungat ulgamynyň başga görnüşleriniň işi (diňe heýkeltaraş, suratkeş, karikaturaçy, grawýuraçy we çeper bezegçi; diňe hususy, köpçülikleýin, göçme we beýleki görnüşli sergileri guramak) | 650 |
| | | | 90.04.00 | Teatr we konsert zallarynyň işi | |
| | | Audio, wideo we kino önümlerini köpçülikleýin görkezmek we ýaýratmak bilen baglan-yşykly iş | 18.20.00 | Ýazga geçirilen maglumatlary ýaýradyjy önümleri täzeden dikeltmek (nusgasyny almak) we tiražyny kesgitlemek | 650 |
| | | | 47.63.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda wideo we saz ýazgylarynyň bölek söwdasy (diňe ýazylanlarynyň bölek söwdasy) | |
| | | | 47.89.00 | Çadyrlarda, bazarlarda beýleki harytlaryň bölek söwdasy (diňe saz we wideo ýazgylaryň bölek söwdasy) | 650 |
| | | | 59.10.00 | Kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryny öndürmek | 650 |
| | | | 59.13.00 | Kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryny ýaýratmak | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | 59.14.00 | Kinofilmleri görkezmek | |
| | | | 59.20.00 | Ses ýazgylaryny we sazlary ýazdyrmak işi | 650 |
| | | | 77.22.00 | Diskleri we wideokassetalary kireýine bermek | 650 |

**Bellik:**

1) Ygtyýarnama bermegiň döwlet pajynyň möçberi 4-nji sütün boýunça işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşine degişli setir sanyna görä 5-nji sütünde bellenen möçberde alynýar.

2) Ygtyýarnamany gaýtadan resmileşdirmegi we ygtyýarnamanyň öwezliginiň (dublikatynyň) berilmegi üçin döwlet pajynyň möçberi ygtyýarnama berlendigi üçin alynýan döwlet pajynyň 0,1 essesi möçberinde kesgitlenýär.

3) Ygtyýarnamaly öz amala aşyrýan işlerine degişli işiň kiçi görnüşini ygtyýarnama goşmak barada arza berýär we döwlet pajyny töleýär.

4) Döwlet pajynyň möçberi ygtyýarnamanyň 2019-njy ýylyň 30-njy noýabrynda kabul edilen «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunynyň 12-nji maddasynyň 1-nji böleginde görkezilen möhlete, şol sanda çäklendirilmedik möhlete berilmegi üçin, şeýle hem ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň arzasyna laýyklykda ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti azaldylan ýagdaýynda hem bellenýär.

5) Ygtyýarnama gözegçiligi edarasy ygtyýarlylandyryjy edaralar tarapyndan berilýän ygtyýarlylandyrylmaga degişli «kiçi klasyň, görnüşiň» Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryndaky 6-njy derejedäki san belgisine, adyna we mazmunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda teklipleriň taslamalaryna garaýar, ylalaşýar we döwlet statistika edaralary bilen bilelikde degişli işleri geçirýär.

6) Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda «kiçi klas, görnüş» tutuşlugyna ygtyýarlylandyrylýan bolsa, ygtyýarnamada işiň aýry-aýry ygtyýarlylandyrylýan görnüşi, onuň kiçi görnüşi – Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda «kiçi klasyň, görnüşiň» 6-njy derejedäki san

belgisi hem-de onuň ady we eger «kiçi klasyň, görnüşiň» bir bölegi ygtyýarlylandyrylýan bolsa, onuň adyndan soň «diňe» sözi bilen onuň ygtyýarlylandyrylýan böleginiň anyk mazmuny görkezilýär.

Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda «kiçi klas, görnüş» diňe atdan ybarat bolup mazmuny berilmedik bolsa, ygtyýarnamada işiň aýry-aýry ygtyýarlylandyrylýan görnüşi, onuň kiçi görnüşi – Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda «kiçi klasyň, görnüşiň» 6-njy derejedäki san belgisi, eger tutuşlugyna ygtyýarlylandyrylýan bolsa diňe ady görkezilýär, eger «kiçi klasyň, görnüşiň» bir bölegi ygtyýarlylandyrylýan bolsa, onuň adynyň ýerine diňe «diňe» sözi bilen onuň ygtyýarlylandyrylýan böleginiň anyk mazmuny görkezilýär.

7) Kiçi klaslar boýunça aýdyňlaşdyrmagy Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryndan ugur alnyp bilner.